***Ýaş nesiller, olaryň sazlaşykly ösüşi we saglygy, mynasyp bilim-terbiýe almaklary, saýlap alan hünärine eýe bolmaklary, ylym we döredijilik, bedenterbiýe, sport bilen meşgullanmaklary üçin zerur şertleriň döredilmegi baradaky alada Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Amala aşyrylýan işleriň diňe häzirki däl, eýsem, geljekki nesilleriň hem bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilmegi guwandyryjydyr.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen ýaşlary Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşyna mäkäm jebisleşip, beýik maksatlara tarap ynamly öňe barýan eziz Diýarymyzda okaýarlar, hünär öwrenýärler, döredýärler, gurýarlar, özlerine bildirilýän belent ynama mynasyp jogap bermäge çalyşýarlar. Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň ynamy ýaşlary täze üstünliklere, belent maksatlara ruhlandyrýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabyny hut ýaşlara, olaryň gazanan üstünliklerine bagyşlamagynda-da biz şeýle belent ynamy duýýarys.

Ýurdumyzda we halkara giňişliginde amala aşyrylýan oňyn özgertmeleriň durmuşa geçirilmegine türkmen ýaşlarynyň hem işjeň gatnaşmaklary üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň kitabynda: «Biz Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023 — 2030-njy ýyllar üçin Strategiýasyny kabul etdik. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetine resmi agza bolmagy onuň ilkinji miweleriniň biridir. Munuň özi Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynda uly üstünlikleriň gazanylýandygyny görkezýär» diýip, örän jaýdar bellenilýär.

Ýurdumyzda ýaşlarymyz üçin çäksiz aladalar edilýär. Ýurdumyzy gülledip ösdürmek babatda ägirt uly işleri amala aşyrýan, ýaş nesle uly ynam bildirip, geljege ak ýol açýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, beýik işleri elmydama rowaç bolsun!

**Gülzar BEKMURADOWA,**
**TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Köýtendag etrap Geňeşiniň baş hünärmeni.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026